# Her kimiñ öz dünýäsi bar dünýäde…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Her kimiñ öz dünýäsi bar dünýäde… HER KIMIÑ ÖZ DÜNÝÄSI BAR DÜNÝÄDE…



Her kimiň öz dünýäsi bar dünýäde
(Täleýden, kysmatdan, ykbaldan başga),
Parhy ýok: şu günmi, ertir, düýn ýa-da
Sensiz ýaşap bilýänimi bagyşla;
Bagyşla kalbyma, aňyma siňen
Perişde deý durkuň bilen oňýanym —
Gazanmadym, ýüz müň dürli öwsübem,
Birje gezek eden işim oňlanyň.
Tas özümi ýitiripdim ýoluňda,
Tas elden gidipdi kelebiň ujy.
Duýdum: perişde-de galmaz ornuňda,

Özüm bilen deň ýitirsem hyrujy.
Düşün meň düşünip bilmeýänime,
Kesgitlemäň ýokdugyna heserme,
Özüm ýazyp, özüm geňleýänime,
Özüň kürsäp urşuň her bir eserme;
Düşün ahyr: men düşünip bilemok,
Zäherlenýän, başga güli ysgasam,
Seň bilenem degşip-gülşüp bilemok –
Artyk sözleň uzynlaram, gysgasam.
Öz-özüme artýan ýigrenjiň ujy
Ýeter öýdüp gorkýan senli dünýäme;
Ol bolsa şeýlebir, şeýlebir süýji –
Meň nähili söýýänimi bilýäň-ä!..

Parhy ýok oň: sogapdamy, günäde –
Her dünýäň öz dünýäsi bar dünýäde…

20.07.2018.

Çary ATAÝEW. Goşgular